TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA MINISTRLIGI
"TURKMENENERGO"
DÖWLET ELEKTROENERGETIKA KORPORASIÝASY
«AHALENERGO»
ÖNÜMÇILIK BIRLEŞIGI

MINISTRY OF ENERGY OF TURKMENISTAN
«TURKMENENERGO»
STATE POWER CORPORATION
«AKHALENERGO»
PRODUCTION ASSOCIATION

744015, Aşgabat ş., 2109 (Muhammedow) köç., 95
Tel: (99312) 76-54-43, Faks: 76-57-61

744015, 95, 2109 (Muhammedov) str., Ashgabat c.,
Phone: (99312) 76-54-43, Faks: 76-57-61

«08» 09 2021 ý. №25/2477

**Kärendeçi R.Zakirow**
**Bäherden EEU**
**"Döwletenergogözegçilik" kärhanasyna**

Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Garry-Nohur daýhan birleşiginiň çäginde berlen 7,2 ga ýer böleginde gurnaljak enjamlaryň elektrik üpjünçiligi üçin

## TEHNIKI ŞERTLERI

**Gurnaljak transformatoryň kuwwaty – 100 kWA.**

Elektrik üpjünçiliginiň ygtybarlylygy boýunça sarp edijiniň derejesi: - üçünji.
Elektrik üpjünçilik çesmesi: - belgisi 35909 (35/10 kW bolan PS-359 elektrik beketden iýmitlendirilen), güýjenmesi 10 kW bolan elektrik ulgamy.

Agzalan ýerde ulanyljak elektrik enjamlaryny ygtybarly elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin şu aşakdaky tehniki şertleri ýerine ýetirmeli:

1. Elektrik üpjünçiliginiň işçi taslamasyny Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň Maýa goýum we tehnologik taslamalarynyň döwlet seljeriş müdirliginde seljermeden geçirmeli.
2. Ulanyljak elektrik enjamlaryny elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin özbaşdak hususy kuwwaty 100 kWA, güýjenmesi 10/0,4 kW bolan daşary şertine niýetlenen komplekt transformatorly kiçi bekediniň (DKTB) taslamasyny düzmeli we ony gurnamaly.
3. Reaktiw kuwwatlygynyň öwezini dolmak üçin taslama DKTB-ň 0,4 kW paýlaýjy gurnamasy tarapyndan kuwwatlylygy awtomatiki düzgünleşdirýän statist kondensatorlaryň batareýalaryny oturtmagy göz öňünde tutmaly. Sarp edijide kuwwatlygyň koeffisenti 0,98-n pes bolmaly däl.
4. Taslama 10/0,4 kW DKTB-ni şahalanma arkaly belgisi 35909 (35/10 kW bolan PS-359 elektrik beketden iýmitlendirilen), güýjenmesi 10 kW bolan elektrik ulgamynyň ýakyn sütüninden birikdirmeli.
5. Birikdiriljek ýerini, şahalanýan 10 kW howa ulgamyň (HU) geçjek ýerini we belgisi 35909 elektrik ulgama birleşdirilýän goşmaça ýük bilen bagly bolan goşmaça işleri Ahal welaýatynyň Bäherden etrap häkimliginiň binagärlik bölümi we "Ahalenergo" ÖB-ň degişli gulluklary bilen ylalaşmaly.
6. Kuwwaty 100 kWA bolan transformatorly kiçi bekedi elektrik ulgama birikdirilende, 35/10 kW güýjenmeli PS-359 elektrik bekedinde 35909 ugurdaky öýjügiň güýjenmesiniň rele goragynyň energetiki hasaplamasyny barlamaly we üýtgetmeli.

7. Gurulmaly 10 kW howa ulgamy demirbeton sütünlerde gurnamaly. Geçirijiniň (simiň) belgisi AS, kese-kesigini hasaplama arkaly kesgitlemeli. Geçirijileriň berkitmesini ŞF20-W izolýatorlarda ýerine ýetirmeli. Demirbeton sütünleriň ýerasty we ýerden 0,6 m ýokary bölegine suwuň we suwuklyklaryň täsirinden goraýjy çäreleri geçirmeli. Transformatorly kiçi bekediniň ýanynda dikilmeli diregli demirbeton sütünde RLND-10 kysymly aýryjy gurnamaly.
8. Agzalan ýerde elektrik enjamlaryň elektrik üpjünçiligini 10/0,4 kW transformatorly kiçi bekediniň (DKTB) 0,4 kW pes güýjenmeli tarapyndan eltiji-ýaýradyjy gurnama çenli gerek mukdarda 0,4 kW kabel ulgamlary geçirip elektrik üpjinçiligini ygtybarly üpjün edýän çatgy esasynda ýerine ýetirmeli.
9. 0,4 kW kabeliň mukdaryny, kese kesigini we belgisini taslamada ähli düzediş koeffisentlerini, topragyň temperaturasynyň (+35C) koeffisentini we olaryň parallel geçirilendigini hem girizip hasaplama arkaly kesgitlemeli.
10. Şol ýerde daş töwereginiň yşyklandyrmasyny göz öňünde tutulmaly. Yşyklandyryş çyralarynyň görnüşi energotygşytlaýjy (diotly we lýuminissent) çyralary hem-de yşyklandyryş ulgamynda beýleki energotygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmaly.
11. Özbaşdak ätiýaçlyk elektrik üpjünçiligiň çeşmesi hökmünde gerek bolan kuwwatly awtomatlaşdyrylan dizel elektrik stansiýasyny oturtmagy teklip edýäris.
12. Sarp edijiniň gerek bolan kuwwatyna elektrik ulgamynda güýjenmäniň üýtgeme ýagdaýlarynyň öňüni almak maksady bilen elektrik enjamlaryň kadaly işlemegini stabilizirleşdirýän (güýjenmäni stabilizirleşdirýän) guraly we üznüksiz iýmitlendirijini gurnamagy teklip edýäris.
13. Ölçeg we hasaba alyş gurallaryň, rele goragynyň, awtomatikasynyň taslamalaryny EGD-ň we hereket edýän kadanyň görkezmeleriniň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirmeli.
14. Sarp edijiniň elektrik energiýasyny hasaplaýjyny elektron sçýotçiklarda ýerine ýetirmeli. Elektron sçýotçiklaryň görnüşleri hökmany ýagdaýda Döwlet ölçeg serişdeleriniň ýazgysynda hasaba alnan we Türkmenistanda ulanyşa goýberilen bolmaly.
15. Ulanylýan ähli güýjenmedäki elektrotehniki enjamlar Türkmenistanyň we halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk gelmeli.
16. Belgisi – 35909 elektrik ulgama ýakyn aralykdan berkitmek bilen bagly bolan ähli işleri Bäherden etrap elektrik ulgamy bilen ylalaşmaly.
17. "Döwletenergogözegçilik" kärhanasynyň energoýerleşdiriş bölümi bilen elektrik energiýasyny tölemek baradaky şertnamany baglaşmaly.
18. Elektrik energiýasyny sarp edijileriň elektrik enjamlaryny ulanyşa goýbermek (ibermek) üçin talap edilýän, tehniki resminamalary düzmeli we "Ahalenergo" ÖB-niň degişli gulluklary bilen ylalaşmaly.
19. Şu tehniki şertleri bilen baglanşykly-gurnama, sazlama, tejribe-barlag işlerini ýerine ýetirmegi "Ahalenergo" ÖB-e tabşyrmagyňyzy teklip edýäris.
20. Tehniki şertleriň işe girizmek möhleti berlen senesinden başlap 1 (bir) ýyl.

**Baş direktor** **Ý. Saparlyýew**

Ýerine ýetiren: UMÖB
Tel: 76-85-92